# «Durzulan» Durowyñ heläkçiligini gutlamalymy?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Durzulan" Durowyñ heläkçiligini gutlamalymy? «DURZULAN» DUROWYÑ HELÄKÇILIGINI GUTLAMALYMY?



*Pawel Durow / Fotosurat: Sosial mediýa*

Muny «Embraer Legacy» uçarynyñ takdyryna baglalyñmy ýa-da oña münenlerij betbagtlygyna? Bilemok-da.

Emma Russiýanyñ döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putiniñ iñ ynamdar adamlaryndan Ýewgeniý Prigožiniñem arasynda bolan «Embraer Legacy» uçary 2023-nji ýylyñ 23-nji awgustynda howalanandan soñ kän wagt geçmänkä awariýa uçran bolsa, 2024-nji ýylyñ 24-nji awgustynda «Embraer Legacy» bilen Bakudan Pariže uçan «Telegram» kanalyny esaslandyryjy Pawel Durow «Le Bourget» howa menzilinde tussag astyna alynandygyny jümle-jahan gördi.

Şu setirleri ýazyp ýörkäm Durowyň tussag astyna alnyş müddeti dowam edýärdi.
Russiýanyň raýatlygy bilen birlikde Fransiýanyň hem raýaty bolan Durowly meselede «konsullygyň ara girmegine» rugsat berilmegi üçin Daşary işler ministrliginden Mariýa Zaharowa degişli fransuz ygtyýarlylarynyň nezdinde ýüz tutandyklaryny mälim etdi, emma Durowyň «fransuz raýatlygynyň birinji nobatda durýandygy» tutaryk görkezilip, Moskwanyň diplomatiki kanallar arkaly eden synanyşyklary netije bermedi.
Durowyň belli bir wagtdan bäri diňe Fransiýada däl, Birleşen Arap Emirlikleri ýaly dürli ýurtlarda ýaşandygy görnüp durka, iň soňky gezek Wladimir Putiniň 18-18-njy awgustda Azerbaýjana resmi saparynyň dowam edýän günlerinde onuň bilen duşuşmak maksady bilen birnäçe gün öňünden Bakuwa gidendigi, emma Putin bilen görşüp bilmändigi aýdylýardy.
Putiniň resmi saparynyň üstünden bäş gün geçenden soň Bakudan Parižе uçan Pawel Durowyň ol ýerde ele salynjagyny bilip durka-da gitmegi goýbolsun etmändigi barada hem aýdylýar.
2013-nji ýylda gurlan rus «Telegram» kanalynyň 39 ýaşly eýesi Pawel Durowyň tussag astyna alynmagynyň sebäpleriniň arasynda «narkotiki serişdeleriniň bikanun söwdasy», «terrorçylyk», «kezzaplyk», «hasabyňa ogurlyk pul geçirmek», «çaga pornosy» ýaly aýyplamalar bolup, şu makalanyň ýazylyp ýörlen sagadynda işewüriň tussag atyna alnyş müddetiniň 96 sagada çenli uzaldylandygy mälim edilipdi.
Pawel Durowyň Russiýadaky aklawjysy wekilçilik edýän adamynyň tussag edilmegini «Ýewropa kada-kanunlaryna garşy» gelýändigine ünsi çekmek bilen aslynda **«Telegram» kanalynyň üstünden gözegçilik edilmegi üçin gerekli parollary Russiýa döwletine bermändigi sebäpli** işewüre mundan öň kynçylyk döredilendigini we 2021-nji ýylda fransuz raýatlygyna geçendigini aýdýar.
Beýleki bir ýandan raýatlyga geçende Fransiýa döwletine wepalylyk kasamyny içen Pawel Durowyň ýene şol öňki problema bilen garşylaşandygy sebäpli tussag astyna alynandygyny öňe sürýänler bar.
Onuň hak-hukuklaryny gorap çykyş edýänler tussag astyna

alynmagy «syýasy karar» hökmünde baha berýändiklerine garamazdan Pawel Durowa garşy «terrorçylyk, narkotiki serişdeleriniñ söwdasy we terrorçylyga goldaw» aýyplamalary bilen iş gozgalyp bilinjekdigini gözden salmaýarlar.
Munuñ sebäbi hökmünde bolsa birnäçe ýyl öñ Russiýa döwletiniñ edişi ýaly Fransiýa döwletiniñem «Telegram» kanalyny öz gözegçiligine alma we gerek bolanda möhüm ýazyşmapary petikleme islegi görkezilýär.
Edil häzir dünýä boýunça 500 million agzasynyñ bolan «Telegram» kanalynyñ Russiýa Federasiýasynyñ we Fransiýanyñ pasportlaryny göterýän eýesine garşy «terrorçylyk, narkotiki serişdeleriniñ söwdasy we çaga pornosy» aýyplamalary bilen iş gozgalma ähtimallygynyñ bolmagy Pawel Durowyñ gönüden-göni bu etmişleri edendigini añlatmasa-da, «Telegram» kanalynyñ üsti bilen amala aşyrylandygy öñe sürülýän şeýle etmişleriñ öñüni aljak bolmanlygyndan gelip çykýar.
«Telegram» kanalynyñ eýesine garşy ýöñkelip bilinjek aýyplamalaryñ mazmunyny görenden soñ has sagdyn düşündirişleriñ berlip bilinjekdigi üçin P.Durowyñ Parižiñ «Le Bourget» howa menzilinde tussag astyna alynmagyndan öñki üýtgeşmeler boýunça sowallary orta atmak mantyksyz bolmaz.
Ynha, şol sowallardan käbirleri:
«Telegram» kanalynyñ eýesi Pawel Durow Russiýa Federasiýasynyñ döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putiniñ gelişinden birnäçe gün öñ Bakuwa hakykatdanam Putin bilen görüşme mümkinçiligini gözlemek üçin gelipmidi?
Şol niýet bilen giden bolsa, oña bu mümkinçiligi döretme sözüni kim beripdir?
Azerbaýjanyñ prezidenti Ilham Aliýewiñ şu meselede talabynyñ ýok bolan ýagdaýynda Pawel Durow gaýa-gopuz ýok ýerden kellesine urlan ýaly Bakuwa tutduryp gidibermäge nädip milt edip bildi?
Ýa bolmasa ony Wladimir Putin bilen duşuşdyrma sözüni rus prezidentiniñ iñ ýakynyndaky adamlardan biri berdimikä?
Eger şeýle bolsa bu duşuşyk näme sebäpli amala aşman galdy?
Ýa-da amala aşdy-da, şu güne çenli habar beriş serişdelerine maglumat syzdyrylmagynyñ öñi alyndymy?

«Telegram» kanalynyñ eýesi nämüçin Russiýa Federasiýasynyñ döwlet ýolbaşçysy Bakuwdan gaýdansoñ ýene bäş günläp Bakuwda galdy? Galan bolsa kimler bilen duşuşdy? Duşuşmadyk bolsa bäş gününi dynç alyp geçirdimi?
Pawel Durowyñ Parižе ala-böle Bakuwdan gitme kararyna gelmeginiñ añyrsynda haýsy maksatlar bolup biler?
Soñky aýlarda Fransiýa bilen Azerbaýjanyñ arasy beter bulaşyk ýagdaýdaka, «Telegram» kanalynyñ Fransiýanyñ raýaty bolan eýesi Bakuwdaky göçümleriniñ netijesiz bolandygyny görüp, raýatlygy bolan döwlet bilen gizlin ylalaşyga gelip we üstündäki basyşlary ýeñletmek üçin mysal üçin Dubaýa däl-de, Parižе gitmegi niýetine düwüp bilermi?
Hem Fransiýa döwleti öz koloniýasy hasabyndaky Kaledoniýa berýän aç-açan goldawyndan sebäp Azerbaýjan bilen mundan soñky gatnaşyklarynda Pawel Durowyñ bilýän syrlaryny onuñ öz garşysyna ulanyp, hyzmatlaryndan peýdalanyp bilermi?
Mysal gerekmi, baş üstüne: gaty daşa gitmän Ryza Zarrab mysalyny ýene bir gezek göz öñüne getiriñ. Kaledoniýa meselesinde Russiýa Azerbaýjany goldaýar. Azerbaýjanyñ hem öz gezeginde fransuz koloniýasyna goldawyny kesmejekdigini we hatda munuñ üçin öz aç-ýalañaç raýatynyñ gazanjyny hasam gysmak arkaly Kaledoniýa kömek bermek boýunça ýörite fond açandygyny görenimizde, bu işleriñ yzynyñ ula ýazjakdygyny çaklamak kyn däl.
Galyberse-de, Azerbaýjanyñ prezidenti Aliýewi «Fransiýanyñ götüne geýmäge türsügi ýok. Parižiñ kekirtlewügini bekiräk gyssañ, Kaledoniýany garaşsyzlygyna ýetirmegiñ onçakly erbedem bolmaz» ýaly sözper bilen salýutlaşmalaryñ howada uçuşýan şertinde Bakunyñ yza ädim ätjegini pikir etmek çakdanaşa samsyklaç ýagdaý bolardy…
Häzirlikçe bu gürrüñlere girmän Pawel Durowyñ tussag astynda oturan wagtynda bolýan üýtgeşmeleri yzarlalyñ…

Maýis ALIZADE.

Sişenbe, 27.08.2024 ý. Publisistika